# Ogurlañ!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ogurlañ! Ogurlañ!
(Ýaş şahyrlara degişme)

Leýis kylyp ozaldanam bol zady
Ejiz şygyrlary asla dogurmañ!
Meñzetme gerekmi ýa düýpsüz many? –
Hanha, Pyragynyñ gazna-diwany
Garşy däl ol, – halta-halta ogurlañ!

Pyragyny az görseñiz Puşkin bar.
Aleksandr Sergeýewiç pent kylan,
Walla, onuñ dil hatam bar:»Kimde-kim
Eýgerip bilmese poeziýañ ýükün
Meñkiden aparsyn lükgesi bilen!»

Puşkinem az!
Onda ine Nowaýy,
Şewçenko, Şekspir ýa Mollanepes!
(Onsoñam näme kän? Dessan-u-epos!)
Hersinden bolmanda bir bent goparyñ
Aparyñ, how, aparyñ!

Eýgerdenok?
Alyñ onda meñkiden!
Hawa, hawa, oñlasañyz, ogurlañ,
Meniñ şygyrlarym şygyrlañ pesi,
Ogurlansa göge ýeter depesi!..
Ýöne has köpeldip öñem bol zady,
Şondan ejiz şygry welin dogurmañ!

Annaberdi Agabaýew. Goşgular